Norwegian Ministry of Foreign Affairs

КМПА Казахстанская Ассоциация по половому и репродуктивному здоровью (КМПА)

IOM UN MIGRATION

## Daşary ýurtlylar üçin lukmançylyk ýardamyny almak üçin algoritm

1. “Raýatlar üçin hökümet” PJ (IHM) STKB almaly.
2. Hususy ätiýaçlandyryş kompaniýasy bilen Meýletin Lukmançylyk Ätiýaçlandyrmasy (MLÄ) barada şertnamany ýa-da birinji lukmançylyk-sanitariýa we gyssagly stasionar ýardamyny almak üçin kesgitlenilen lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy (KLÄ) barada şertnamalary baglaşmaly.
3. MLÄ ýa-da KLÄ resmileşdirmezden daşary ýurtlylar bilen GR Zähmet kodeksi boýunça **zähmet şertnamasy baglaşylmaýar.**
4. Sizip hyzmat almaga isleg bildirýän lukmançylyk edarany (BLSÝ) saýlamaly.
5. Mugt lukmançylyk ýardamyň kepillendirilen göwrüminiň (MLÝKG) çäginde lukmançylyk ýardamyny bermek üçin hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan ýeri boýunça BLSÝ guramasyna berkidilmek üçin elektron-sanly gol (ESG) bolan ýagdaýynda https://egov.kz portalyň üsti bilen «Birinji lukmançylyk-sanitariýa ýardamyny berýän lukmançylyk guramasyna berkitmek» atly döwlet hyzmaty amala aşyrylýar.
6. Arzany MLÄ, rus ýa-da gazak dilinde erkin görnüşde arzany bermek bilen we şahsyýeti tassyklaýan resminamany (pasporty) görkezmek bilen, saglyk öý guramasynyň birinji ýolbaşçysynyň adyna ýazmaça görnüşde döwlet hyzmatlaryny almak üçin gönümel ýüzlenilen ýagdaýynda bermek bolýar.
7. BLSÝ guramasynyň hünärmenleri “Berkidilen ilatyň sanawy” maglumat ulgamyna berkitmek üçin talapnamany resmileşdirýärler.
8. «Birinji lukmançylyk-sanitariýa ýardamyny berýän lukmançylyk guramasyna berkitmek» atly döwlet hyzmaty resminamalaryň berlen pursatyndan 1 (bir) iş gününň dowamynda ýerine ýetirilýär.
9. https://egov.kz portalynda «Şahsy otagda» elektron resminamalar görnüşinde berkitmek ýa-da delillendirilen ret etmek hakynda habarnama döwlet hyzmatyny ýerine ýetirmegiň netijesi bolup durýar, eger-de siz portaly ýa-da lukmançylyk guramasynda berilýän lukmançylyk guramasyna berkitmek / delillendirilen ret etmek talonyny ulanan bolsaňyz, eger-de siz şahsy BLSÝ ýüzlenen bolsaňyz.
10. BLSÝ guramasyna berkitmek işi MLÄ ýa-da KLÄ şertnamasynyň hereket edýän möhletine amala aşyrylýar.
11. Maşgala agzalaryny berkitmek işi MLÄ şertnamasy we şahsyýeti tassyklaýan resminama ýa-da maşgalanyň her bir agzasynyň sanly resminamalar hyzmatyndan elektron resminamasy (kybaplaşdyrmak üçin) berlen ýagdaýynda gazak ýa-da rus dilinde erkin görnüşde arzanyň esasynda maşgala agzalarynyň biriniň ýazmaça razylygy bolan ýagdaýynda amala aşyrylýar.
12. On sekiz ýaşyna ýetmedik çagany berkitmek işi şahsyýeti tassyklaýan resminama ýa-da berkidilýän tarapyň we onuň kanuny wekiliniň sanly resminamalar hyzmatyndan elektron resminamasy (kybaplaşdyrmak üçin) bolan ýagdaýynda amala aşyrylýar.

Проект МОМ "Защита уязвимых мигрантов с особым акцентом на расширение прав и возможностей женщин в контексте миграции в Центральной Азии", при поддержке Министерства иностранных дел Норвегии.

**Gazagystan Respublikasyna wagtlaýyn gelen daşary ýurtlylaryň we raýatlygy bolmadyk taraplaryň, gaçybatalga gözleýän taraplaryň 9.10.2020 ýyldan GR Saglygy goraýyş ministrliginiň 121/2020 belgili buýrugyna laýyklykda mugt lukmançylyk ýardamyň kepillendirilendirilen göwrümini almaga hukugy bolan ýagdaýynda töwerekdäkiler üçin howp salýan keselleriň sanawy**

| belgili | Keseliň ady |
|---|---|
| 1. | Täjihoraz |
| 2. | Gyzamak |
| 3. | Gyzylja |
| 4. | Gökbogma |
| 5. | Hörezek |
| 6. | Garamyk |
| 7. | Epidemik hapgyrtma |
| 8. | A, B, C paratifleri |
| 9. | Poliomielit |
| 10. | Beýinçiş ýokanç keseli |
| 11. | Gyrgyn |
| 12. | Garyn garahassalygy |
| 13. | Inçekesel (inçekeseliň barlygyna gakylygyň mazogynyň iki derejeli konwersiýasy gazanmaga çenli bakteriýa bölünmeli ýeňil inçekesel; hassanyň ömrüne howp salmaýan ýagdaýy gazanmaga (beýinçişi, miliar inçekeseli) we inçekeseliň mikrobakteriýasynyň barlygyna gakylygyň mazogynyň iki derejeli konwersiýasyny gazanmaga çenli inçekeseliň ýiti ösýän görnüşi) |
| 14. | Psihiki, özüni alyp baryş bozulmalary (keselleri) |
| 15. | Garadalagyň ýeňil görnüşi |
| 16. | Mergi |
| 17. | Wirus gemorragik gyzdyrma |
| 18. | Sary gyzdyrma |
| 19. | A, E wirus gepatitleri |
| 20. | Gyzzyrma |
| 21. | Wirusyň täze kiçi görnüşi bilen ýüze çykan adam dümewi |
| 22. | Agyr ýiti respirator sindromy (AÝRS) |
| 23. | Koronowirus ýokanç keseli |

Проект МОМ "Защита уязвимых мигрантов с особым акцентом на расширение прав и возможностей женщин в контексте миграции в Центральной Азии", при поддержке Министерства иностранных дел Норвегии.

**Gazagystan Respublikasyna wagtlaýyn gelen daşary ýurtlylaryň we raýatlygy bolmadyk taraplaryň, gaçybatalga gözleýän taraplaryň mugt lukmançylyk ýardamyň kepillendirilendirilen göwrümini almaga hukugy bolan lukmançylyk ýardamyň göwrümi**

| ____ belgili | Lukmançylyk hyzmatlaryň ady | Lukmançylyk ýardamyň göwrümi |
|---|---|---|
| | **Maslahat beriş kabul edilmesi** | |
| 1 | Terapewt | Ýylda 2 gezek |
| 2 | Pediatr | Ýylda 1 gezek |
| 4 | Hirurg | Ýylda 1 gezek |
| 5 | Ýokanç keselleriň lukmany | Ýylda 1 gezek |
| 6 | Oftalmolog | Ýylda 1 gezek |
| 7 | Gastroenterolog | Ýylda 1 gezek |
| 8 | Otorinolaringolog | Ýylda 1 gezek |
| 9 | Pulmonolog | 6 aýdan 1 gezek |
| 10 | Psihiatr | 6 aýdan 1 gezek |
| 11 | Rentgenolog (rentgenogrammanyň 2 çitkasy) | 6 aýdan 1 gezek |
| | Barlaghana anyklamasy | |
| 12 | Gyssagly usul bilen ganyň syworotkasynda umumy holesterini anyklamak | Ýylda 1 gezek |
| 13 | Gyssagly usul bilen ganyň syworotkasynda glýukozany anyklamak | Ýylda 1 gezek |
| 14 | Öýjükleriň 3 synpyny differensirlemek bilen derňeýjide ganyň umumy  derňewi | Ýylda 1 gezek |
| 15 | El usuly bilen umumy hassahana peşew barlagy (peşewiň umumy derňewi) | Ýylda 1 gezek |
| 16 | El usuly bilen BK gakylygyň bakterioskopiýasy | Ýylda 1 gezek |
| | **Ultrases we rentgenologik anyklama** | |
| 17 | Toplumlaýyn ultrases anyklamasy (bagyr, öd halta, aşgazanasty mäz, dalak, böwrekler) | Ýylda 1 gezek |
| 18 | Döş öýjüginiň beden agzalarynyň giňişleýin rentgenografiýasy (1 proeksiýa) | 6 aýdan 1 gezek |
| 19 | Elektroensefalografiýa | Ýylda 1 gezek |

Проект МОМ "Защита уязвимых мигрантов с особым акцентом на расширение прав и возможностей женщин в контексте миграции в Центральной Азии", при поддержке  Министерства иностранных дел Норвегии.